# Magtymguly
# Pyragy – türkmen halkynyň paýhasly dünýäsi



Magtymguly Pyragy – türkmen halkynyň paýhasly dünýäsi

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

HYDYR DERÝAÝEW ADYNDAKY MUGALLYMÇYLYK MEKDEBI

# MAGTYMGULY PYRAGY – TÜRKMEN HALKYNYŇ PAÝHASLY DÜNÝÄSI

Ylmy makalalar ýygyndysy

*Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanýar*

Aşgabat • Ylym • 2024

**Aýna Baýmuradowa,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň müdiri, taryh ylymlarynyň kandidaty*

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖREDIJILIGINDE YNSAN ÖMRÜNIŇ MANYSY HAKYNDA

Magtymguly Pyragynyň dünýä, ynsanperwerlik, ynsan ömrüniň manysy baradaky pelsepewi pikirleri alymlaryň üns merkezinde bolup, olar içgin öwrenilýär we wagyz edilýär. Adamyň bakylyga ýetmegine mümkinçilik berýän gymmatlyklar şahyryň döredijiliginde birin-birin seljerilýär. Gahryman Arkadagymyzyň beýik akyldaryň döredijiligine iňňän uly sarpa goýýandygyna, onuň «Älem içre at gezer» we «Döwlet guşy» romanlaryny okanyňda aýdyň göz ýetirmek bolýar. Çünki bu çuň manyly eserlerde Magtymguly Pyragynyň filosofik dünýäsi we ylmy garaýyşlary öz beýanyny tapýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow «Ömrümiň manysy» atly kitabynyň ilkinji sahypalarynda ynsan ömrüniň bihuda geçmeli däldigi hakynda: «Şunuň bilen baglanyşykly, meniň çuňňur ynanjyma görä, her bir adam öz geçen ýoly, şu güni, geljegi barada çynlakaý we düýpli oýlanmalydyr. Men şunça ýoly nähili geçdim? Nämeleri bitirdim? Şu gün nähili bolmaly? Ine, şeýle soraglary, kärine we derejesine seretmezden, her bir ynsan öz-özüne bermelidir. Men bu ýagdaýa ynsançylyk borjy diýip düşünýärin» [1, 5 s.] diýip, ynsanyň bu dünýede haýyr işleri bilen bakylyga ýetmelidigini nygtap belleýär. Şahyryň:

Pyragy dünýä düýşdür,
Düýş görseň, düýbi hiçdir,
Jahanda ýaman işdir,
Gury gelip, boş gitmek [5, 252 s.] –

diýen setirleriniň türkmen halkynyň Milli Lideriniň ylham çeşmesi bolandygyna göz ýetirmek bolýar. «Boş gitmek» sözüniň özi çuňňur many aňladyp, özüňden ýagşy at galdyrmagy başarmalydygyny, haýyrly işleriň sogabyndan başga ynsana ýoldaş boljak zadyň ýokdugyny beýan edýär.

Beýik Pyragynyň şygyrlary türkmenleriň ruhy durmuşyna düýpli öwrülişik girizipdir. Çünki ol Mäne baba, Mahmyt Işan, Hoja Ahmet Ýasawy, Nyzamy ýaly ägirtleri tirsegine galdyryp, olaryň hak ynsan bolmak pelsepesini täzeden janlandyryp, tutuş ynsanyýeti dogry ýola çagyrmagy başarypdyr. Şahyryň bagşylaryň dilleriniň dogasyna öwrülen «Aty ýagşydyr» diýen şygrynda:

Haýyrly il ýagşy haýyrsyz ilden,
Haýyrly har ýagşy, haýyrsyz pirden,
Alyşmaz, berişmez bahyl adamdan,
Jaýynda bek tutan, gaty ýagşydyr [5, 414 s.] –

diýip, iliň derdine ýaran haryň bihaýyrdan ýagşyrakdygyny nygtaýar. «Ýagşylyk et, derýa at, balyk biler, balyk bilmese, Halyk biler» diýenleridir. Dünýäde adamzatdan galjak zat diňe ýagşy at, abraýdyr. Magtymguly Pyragynyň «Gidiji bolma», «Il biläni», «Ili gözlär», «Ýykmaýan ärden», «Gadryn näbilsin» ýaly öwüt-nesihat häsiýetli şygyrlary, rowaýatlar ummanyndan syzyp çykan «Elli müň ýyl döwran süren Benijandan», «Tört müň tört ýüz ýaşan Lukman hekimden», «Kerk bedewli agyr gürzüli Rüstemden», hezreti Ýusupdyr hezreti Alydan habar berýän «Ýerbe-ýer geçdi», «Batdy ýaranlar», «Ýaranlar», «Kepderi» ýaly eserleriniň içinden ynsanlyk häsiýetleriniň iň gözelleri eriş-argaç bolup geçýär.

Türkmen halkynyň döreden dessanlarynyň ählisinde bu pikir ör boýuna galýar. «Görogly» şadessanynda hem Görogly hemişe halkyň ýanyndan aýrylmaýar, ony köpçülikden aýry göz öňüne getirmek mümkin däl. Jygaly begiň öz agtygyna berýän şu maslahaty bolsa tutuş eposyň süňňüne siňip, nesilleriň aňyna ýol salypdyr:

Ýaşulular geňeş etse,
Ýagşy-ýamana göz ýetse,
Il-halkyň bir iş tutsa,
Sen ondan galyjy bolma [2, 64 s.].

Bu setirler Magtymguly Pyragynyň «Gidiji bolma» şygryny hakydaňda janlandyrýar. Alymlaryň bellemegine görä, şahyr Hywada okanda dessançy bagşylar bilen ýakyndan gatnaşyk edip, «Görogla» kalbynyň töründe orun beripdir.

Ýagşy oguldan rehnet arygy akar,

Lagnatkerde ogul boldy, bolmady [4, 249 s] – diýip, şahyr jemgyýetde, maşgalada şahsyýetiň ornuny kesgitlemäge çalyşýar. Häzirki zaman jemgyýetiniň wajyp meseleleriniň biri maşgala we maşgaladaky terbiýedir. Gahryman Arkadagymyzyň «Ömrümiň manysy» atly kitabynda belleýşi ýaly, çaga dogry ýoly, dogry hünäri saýlamaga ene-ata, mugallym ýardam etmelidir. Ýaş nesliň manyly ömür sürmegi maşgalada alan terbiýesine baglydyr. Beýik akyldaryň: «Aslyna tartadyr ýüwrük, çamanlyk» diýmegi ýöne ýerden däldir. Pederlerimiz aýtmyşlaýyn, «ärden är dörär, şirden şir». Magtymguly Pyragy üçin haýyrly ynsan bu özüni halkynyň abadançylygy ugrundaky göreşe bagyş edýän, şonuň üçin-de, panydaky ömri tamamlandan soňra hem jemgyýetde öz işleri we pikirleri bilen ýaşaýan adamdyr.

«Ganymat bil, gapyl adam pursaty // Murda dek uzanyp ýatyjy bolma» [4, 65 s.] diýmek bilen, şahyr bu dünýäde ýagşylyk etmäge howlukmalydygyny, ýaşaýşyň her pursatyny il bähbitli işlere sarp etmelidigini nygtaýar. Onuň:

Haýyr işläp, bar, azat bol,
Utanma hyjalat bile! [3, 32 s.] –

diýen setirlerini gyzyla gaplaýmaly. «Boş gitme, haýyr işiň bilen gitjek ýoluňy nurlandyr» diýip, adam ogluny dogry ýola ugrukdyrýar.

Iň täze tehnologiýalaryň zamanasynda ruhy göýdüklikden ejir çekýän ýaşlara günde aýdylmaly sözler şulardan ybaratdyr. Çünki ruhy baýlyk, ruhy gözellik bolmasa, ylym ynsan bähbidine hereket edip bilmez. Ilki bilen, ruhy taýdan gözel ýaşlary kemala getirmegimiz, ylmyň iň täze gazananlaryny halkymyzyň bähbidine hereket etdirmegimize mümkinçilik döredýär. Magtymguly Pyragy öz şygyrlarynda ynsanyň ylmy akyl ýetirmesiniň ylahy bir gudratdygyny, ynsan üçin beýik mertebedigini belleýär.

Jebrut äleminde Jelil syryna,
Özüň gelip, garap görgül diýdiler.
Näge hyýal etsem, gola getirdim,
Näge baksam, aňa nazar ýetirdim [5, 14 s.] –

diýip, şahyr barlygyň gurluşynyň gizlin we inçe syrlaryna akyl ýetirmegi özüniň matlabyna öwrendigini aýdyň beýan edýär.

Alymlara uýsaň açylar gözüň,
Jahyllara uýsaň, kör dek bolar sen [4, 163 s.] –

diýen setirleriniň üsti bilen şahyr dünýä akyl ýetirmek, dogry ýol saýlamak üçin berk binýat goýýar. Döwletsizlik döwründe halkyň arasynda adalatsyzlygyň ýaýramagyna akyldar şahyr tutuş durky bilen gynanýar. Onuň «Ykbal bolmady», «Duman galmady», «Bilen islärin», «Aglar men», «Döke başlady» ýaly şygyrlarynda alymlaryň akyl-pähiminiň sarpalanmazlygy, utanç-haýanyň, merdi-merdanalygyň peselmegi, döwletlilik ýörelgeleriniň ýiteňkirlemegi ýaly ahwalatlaryň bardygyny beýan edýär.

Sypahy barysy parahor boldy,
Şa aldynda adyl diwan galmady [4, 89 s.].

ýa-da

Gyz-juwanda ýokdur haýadan eser,
Ýigitler gyz bile oýnaýyp gezer [4, 264 s.] –

diýen setirleri şahyryň ýürek ahyny beýan edýär.

Magtymguly Pyragy ynsanperwerlik pelsepesini XVIII asyrda esaslandyrýar. Ol diňe bir türkmen jemgyýetiniň däl, eýsem, tutuş dünýäniň ynsanperwerlik pikirinde goýlan soraglara umumadamzat ähmiýetli jogaplar berip, nusgawy şahyr bolmagy başaran beýik akyldardyr.

Garaşsyzlyk Magtymguly Pyragyny has hem ýokary derejelere göterdi. Çünki türkmen halky millilik ýolundan ýöräp, Magtymguly Pyragynyň nakyla öwrülen setirlerini özüne ýol-ýörelge edindi. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz ýaşlaryň ýokary ahlakly, jogapkärçilikli, watançy bolmaklary ugrunda uly alada edýär. «Gury gelip, boş gitme» diýen şahyryň ýörelgesinden ugur alyp, türkmen ýaşlary halkymyz üçin ömrüni bagyş etjek hünärmenler, ruhy taýdan gözel

ynsanlar bolup ýetişerler. Çünki Magtymguly Pyragynyň ýokary ahlaklylygy özüne siňdiren ynsanperwer garaýyşlary häzirki zaman jemgyýetinde hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti terbiýelemekde taýsyz genji-hazynadyr.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ömrümiň manysy. – A.: TDNG, 2022.
2. *Görogly*. – A.: Türkmenistan, 1980.
3. *Magtymguly*. Şygyrlar. II tom. – A.: Türkmenistan, 1994.
4. *Magtymguly*. Saýlanan eserler. – A., 1992.
5. *Magtymguly*. I tom. – A.: Ylym, 2013.



**Selbi Ataýewa,**
**Sapargül Geldiýewa,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymlary*


# MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGINDE SÖÝGI MESELESI WE ONUŇ PSIHOLOGIK MAZMUNY

Eger-de biz adamlardan özlerinde bar bolan duýgularyny aýtmaklaryny haýyş etsek, onda, ilkinji nobatda, söýgi duýgusy agzalar. Filosoflar, psihologlar, fiziologlar bu duýga ençeme işleri bagyş etdiler. Söýgi adamzat siwilizasiýasynda hemişelik tema. Söýgä bolan garaýyş her eýýamda özboluşly mazmun bilen doldurylýar. Hususan-da, her eýýamda gadymy döwürlerden bäri dowam edip gelýän söýgi estetiki-gözellik we ahlak düşünjeleri bilen baglanyşdyrylýar.

Her bir halkyň özüne mahsus söýgi pelsepesiniň bolşy ýaly, türkmen halkynyň hem öz milli aýratynlyklaryna esaslanýan söýgi duýgusy bardyr. Ol dünýewi we ylahy söýgi diýen iki topara bölünýär. Ylahy söýgi, hemmämiziň bilşimiz ýaly, ýaradylanlaryň Ýaradana söýgüsidir. Zemini söýgi bolsa Ýer ýüzündäki ynsan oglunyň kimdir birine bolan duýgusydyr.

Söýgi lirikasy beýik Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde özüniň iň ýokary ösüşine eýe boldy. Magtymguly diňe bir halk barada däl-de, eýsem, halk üçin we halkyň dilinde goşgy döreden şahyrdyr. Magtymgulynyň döredijiligi baýdyr we köptaraplaýyndyr. Ol türkmen jemgyýetiniň ýaşaýyş-durmuşynyň ähli jähetlerini öz içine alýar. Onuň şygyrlary – halkyň durmuş kitabydyr. Beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň döredijiligini şertli ýagdaýda esasy bäş tematiki ugra bölmek bolýar: Watan barada oýlanmalar, adamyň ykbaly we özüni alyp barşy dogrusynda oý-pikirler, adamyň öz-özüne akyl ýetirmegi, söýgi we söýgüli ýar hem-de dünýä barada oýlanmalar.

Söýgi temasy Magtymgulynyň döredijiliginde aýratyn orun eýeleýär. Magtymguly Pyragynyň söýgi lirikasy – bu, ilkinji nobatda, şahyryň şahsyýetiniň